#112 (134)
среда, 15 февраля 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана




# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



20232-nji ýylyň 10-njy fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda 2022-nji ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek boýunça alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi. Wise-premýerleriň, aýry-aýry ministrlikleriň ýolbaşçylarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi. Şeýle-de ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak meselelerine seredildi, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça şu ýylda öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

Giňişleýin mejlise Türkmenistanyň Mejlisiniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary we beýlekiler çagyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň netijeleri barada hasabat berdi.

Mejlisiň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wise-premýer H.Geldimyradowa milli ykdysadyýetimiziň binýadyny berkitmek, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly täze pudaklary we önümçilikleri döretmek, şeýle hem ykdysadyýetde hususy bölegiň paýyny artdyrmak boýunça netijeli işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow gözegçilik edýän pudaklarynda 2022-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Wise-premýer nebit we gaz kondensatyny çykarmak ulgamynda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Ş.Abdrahmanowy, başga işe geçmegi sebäpli, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy.

Döwlet Baştutanymyz bu wezipä A.Begliýewi belläp, ony Türkmenistanyň Prezidentiniň nebitgaz meseleleri boýunça geňeşçisi wezipesinden boşatdy.

Hormatly Prezidentimiz oňa täze wezipede üstünlikleri arzuw edip hem-de degişli resminamalara gol çekip, nebitgaz pudagynyň ykdysadyýetimiziň iň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýandygyny belledi we öňde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gurluşyk, senagat we energetika toplumlarynyň, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimliginiň 2022-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda alyp baran işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz wise-premýer Ç.Purçekowy, başga işe geçmegi sebäpli, eýeleýän wezipesinden boşatdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk meseleleri boýunça orunbasary wezipesine B.Annamämmedowy belläp, ony senagat we gurluşyk önümçiligi ministri wezipesinden boşatdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew söwda we dokma senagaty toplumynyň ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, telekeçilik ulgamynyň 2022-nji ýyldaky işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, dokma senagatynyň kuwwatlyklaryny artdyrmak, döwrebaplaşdyrmak, täze dokma önümlerini içerki we daşarky bazarlara ýerlemek hem-de ibermek boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. El halyçylyk pudagyny ösdürmek we öndürilýän haly önümleriniň görnüşini köpeltmek, täze nagyşlary, gölleri döretmek, gadymy türkmen göllerini dikeltmek boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigine üns çekildi. Ilatyň sarp edýän harytlaryny içerki bazarlarda elýeterli bahalardan üpjün etmegi gazanmak esasy wezipeleriň hatarynda görkezildi.

Ýurdumyzda hususy bölegiň ösdürilmegine hem aýratyn üns berilýär diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi we şu günki günde döwlete dahylsyz pudak tarapyndan import edilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümleriň öndürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de durnukly ösmegi hususy tarapyň işjeňleşmegi bilen bagly bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda hususy bölegiň işini giňeltmek boýunça işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew 2022-nji ýylda gözegçilik edýän düzümlerinde ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ulag we kommunikasiýa pudagyny ösdürmekde üstaşyr geçelgeleriň ugurlaryny giňeltmek, ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberini artdyrmak we hilini gowulandyrmak, ulaglaryň, aragatnaşygyň ähli görnüşi babatda hyzmatlary ösdürmek boýunça işleri dowam etdirmegi gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda görkezdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň demir ýol ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça degişli işleri geçirmek zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysyna demir ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny artdyrmak üçin elektrikleşdirilen demir ýollary gurmak boýunça degişli teklipleri taýýarlamak tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa medeniýet ulgamynyň edaralarynyň 2022-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, milli senetçilik, halyçylyk, aýdym-saz sungatyny ösdürmek, gadymy medeni mirasy düýpli öwrenmek, gorap saklamak we dünýä ýaýmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şeýle-de taryhy we medeni ýadygärlikleri abat saklamak, öwrenmek, dikeltmek, içerki hem-de halkara syýahatçylygy ösdürmek boýunça degişli çäreleri görmegiň wajypdygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlan häzirki zaman medeniýet merkezlerinde we teatrlarda döwrüň talaplaryna laýyk gelýän we ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini wasp edýän eserleriň sanyny artdyrmagy gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda kesgitläp, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda 2022-nji ýylda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýeriň gözegçilik edýän düzümleriniň ýolbaşçylarynyň öňünde birnäçe möhüm wezipeleri goýdy. Hususan-da, çagalaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy üçin ýokary şertleri döretmek, ýaş nesliň tebigy zehinini, ukyplaryny, başarnyklaryny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin bilim edaralarynyň işlerini kämilleşdirmek, ulgamlaýyn alyp barmak, okuw meýilnamalaryny, maksatnamalary, okuw kitaplaryny ösen halkara tejribelere laýyklykda döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän pudaklarynda 2022-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri, oba hojalygynda özgertmeleriň geçirilişi we möwsümleýin işleriň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanda 2023-nji ýylda pile öndürmek hakynda Karara gol çekdi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer A.Ýazmyradowa ýüzlenip, oba hojalyk pudagy tarapyndan oba hojalyk önümleriniň, harytlaryň hem-de çig malyň öndürilişiniň möçberini artdyrmak, ilaty azyk önümleri bilen doly üpjün etmek, azyk bolçulygyny döretmek, gaýtadan işleýän senagatyň çig mal bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtady. Ekerançylykda we bagbançylykda ýokary hasyl berýän ekinleriň we miweli baglaryň sortlaryny ýetişdirmek boýunça işleri dowam etdirmeli diýip, hormatly Prezidentimiz ýüpekçiligi ösdürmek, ýokary hilli pile önümlerini öndürmek boýunça zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow geçen ýylda Daşary işler ministrligi tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hasabat döwründe “Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmek hem-de öňde goýlan wezipeleri çözmek maksady bilen, yzygiderli işler alnyp baryldy.

Halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýokary derejedäki saparlara we gepleşiklere uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz daşary ýurtlara döwlet, resmi we iş saparlarynyň 11-sini, şol sanda Russiýa Federasiýasyna, Eýran Yslam Respublikasyna, Özbegistan Respublikasyna, Gyrgyz Respublikasyna, Gazagystan Respublikasyna, Saud Arabystany Patyşalygyna, Birleşen Arap Emirliklerine we Katar Döwletine saparlary amala aşyrdy. Hasabat döwründe daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň ýurdumyza 9 sapary boldy. Türkmenistana Hindistan Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Özbegistan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidentleri, şeýle hem Gruziýanyň Premýer-ministri geldiler. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow birnäçe ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirdi.

Parlamentara gatnaşyklary ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, 2022-nji ýylyň 12-nji maýynda Aşgabatda geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň birinji parlamentara forumy möhüm ähmiýetli waka öwrüldi.

Hasabat döwründe Daşary işler ministrliginiň üsti bilen 208 wekiliýet döwletimize sapar bilen geldi we Türkmenistandan daşary ýurtlara 383 wekiliýet gitdi. Geçen ýylda sanly ulgam arkaly dürli derejedäki duşuşyklaryň 2 müň 304-si geçirildi. Şeýle hem Türkmenistanda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen resmi gepleşikleriň we duşuşyklaryň 676-sy guraldy. 2022-nji ýylyň dowamynda halkara resminamalaryň 203-sine gol çekildi. Daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça geňeşmeler we duşuşyklar yzygiderli geçirildi.

Türkmenistanyň daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça yzygiderli çäreler görüldi. Geçen ýylda ikitaraplaýyn hökümetara toparlaryň mejlisleriniň we olaryň başlyklarynyň duşuşyklarynyň 9-sy geçirildi. “Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny” hem-de “Türkmenistanyň 2021 — 2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyny” we beýleki degişli resminamalary ýerine ýetirmek boýunça işler yzygiderli alnyp baryldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan daşary syýasaty mundan beýläk-de durmuşa geçirmegiň wajypdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygy aýdyldy. Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, dünýäniň ýurtlary bilen söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlarynda gatnaşyklary pugtalandyrmagyň, abraýly halkara we sebit guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhümdigini nygtady.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa parlamentiň 2022-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, 2022-nji ýylda ýurdumyzda durmuşa geçirilen giň möçberli maksatnamalary kanunçylyk taýdan üpjün etmek, milli kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirmek hem-de döwrebaplaşdyrmak

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ СЕРБИЯ С ДНЁМ ГОСУДАРСТВЕННОСТИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Сербия Александру Вучичу по случаю национального праздника Республики Сербия – Дня государственности.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Александру Вучичу пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Республики Сербия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERINIŇ, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGYNYŇ BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINE RESMI SAPARY



11-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow resmi sapar bilen Birleşen Arap Emirliklerine ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň uçary BAE-niň paýtagty Abu-Dabi şäheriniň Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Halkara howa menzilinde gondy. Howa menzilinde Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy Birleşen Arap Emirlikleriniň Adalat ministri Abdullah bin Sultan bin Awad Al Nuaimi we beýleki resmi adamlar garşyladylar.

Saparyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, hajy Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Abu-Dabi şäherinde ýerleşýän "Şeýh Zaýed" metjidine baryp gördi. Bu metjit dünýäniň iň uly alty metjidiniň biri hasaplanýar.

Bu ýerde hajy Arkadagymyzy metjidiň dolandyryş merkeziniň baş müdiri Ýusef Al Obaidli garşylady. Merhum Prezident Şeýh Zaýed bin Sultan Al Nahaýýanyň metjitdäki aramgähinde Türkmenistanyň müftüsi aýat-töwir okady.

Metjit bilen tanyşlygyň dowamynda hajy Arkadagymyz "Şeýh Zaýed" metjidine mukaddes Gurhany we namazlygy sowgat berdi. Munuň özi iki dostlukly ýurduň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň maksat edilýändiginiň aýdyň nyşanydyr.

Metjidiň ýolbaşçylary sowgat üçin hoşallyklaryny beýan edip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa dünýäniň täsin metjitleriniň şekilleri we maglumatlary ýerleşdirilen ajaýyp kitaby sowgat berdiler.

Bu kitapda "Şeýh Zaýed" metjidine hem uly orun berlipdir. Hajy Arkadagymyz sowgat berlen bu kitaby Ahal welaýatynyň şu ýylyň ýanwar aýynda düýbi tutulan baş metjidinde goýmagyň maksadalaýyk boljakdygyny belläp, ony Türkmenistanyň müftüsine gowşurdy.

Günüň ikinji ýarymynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy "Al Şatiýe" köşgüne bardy. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşyk geçirdi.

BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, Gahryman Arkadagymyzyň şu gezekki saparyna we onuň çäklerindäki duşuşyklara ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak babatda uly ähmiýet berilýändigini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy BAE-niň Prezidentine Birleşen Arap Emirliklerine gelmek baradaky çakylygy, mähirli kabul edendigi we myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň salamyny we hoşniýetli arzuwlaryny ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýana aýalynyň ejesiniň aradan çykandygy zerarly gynanç bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň arasynda energetika, ýangyç-energetika toplumy, ulag we kommunikasiýalar, ýol üpjünçilik ulgamlary, senagat kooperasiýasy, oba hojalygy, gämigurluşyk, ýokary tehnologiýalar ýaly ugurlarda, şeýle hem möhüm taslamalary durmuşa geçirmekde BAE-niň maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigi bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Arkadagymyz Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýany özi üçin islendik amatly wagtda Türkmenistana gelmäge çagyrdy.

Şu gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen hem duşuşygy boldy.

Gahryman Arkadagymyz bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlygyny beýan edip, duşuşmaga we ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilige şatdygyny aýtdy.

Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan BAE-niň Türkmenistan bilen özara bähbitli, netijeli hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini belläp, şu gezekki saparyň we onuň çäklerindäki duşuşyklaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine saldamly goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary, şol sanda ýangyç-energetika, nebiti gaýtadan işleýän senagat, maýa goýum ulgamlarynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Arkadagymyz Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýany maşgalasy bilen islendik amatly wagtda Türkmenistana gelmäge çagyrdy.

Şeýle hem şu gün Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalary Abu-Dabiniň ösüş gaznasynyň, «Masdar», Abu-Dabiniň Milli nebit kompaniýasynyň we Abu-Dabiniň port kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdiler. Duşuşyklaryň çäklerinde gatnaşyklaryň möhüm meseleleri bilen bir hatarda, maýa goýum, ýangyç-energetika, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmek, şeýle-de port düzümlerini ösdürmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşyklaryň çäklerinde "Türkmengaz" döwlet konserni bilen Abu-Dabiniň Milli nebit kompaniýasynyň (ADNOC) arasynda energetika pudagynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama hem-de Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Abu-Dabiniň Birinji bankynyň (First Abu-Dhabi bank) arasynda korrespondent hasabyny açmagyň we ýöretmegiň şertleri hem-de tertibi hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparynyň jemleri boýunça Bilelikdäki Jarnama kabul edildi.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparyny tamamlap, Abu-Dabiniň Halkara howa menziline tarap ugrady. Birnäçe sagatdan soňra, uçar paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde gondy.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

boýunça degişli işler alnyp baryldy. Hasabat döwründe Mejlisiň maslahatlarynyň 5-si geçirilip, olarda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 52-si we Mejlisiň kararlarynyň 31-si kabul edildi.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň dowamynda döwlet Baştutanymyz ýygnananlara ýüzlenip, 2022-nji ýylyň netijelerini häsiýetlendirdi hem-de şu ýyl ýurdumyzyň öňünde durýan möhüm wezipeleri kesgitledi.

Bitarap döwletimiziň halkara giňişlikdäki abraýy yzygiderli artýar. Türkmenistan üçin 2022-nji ýyl Birleşen Milletler Guramasyna agzalygynyň 30 ýyllyk şanly senesi bilen şöhratlandy. Biziň ýurdumyzyň bu gurama bilen hyzmatdaşlygy ilkibaşdan strategik häsiýete eýe boldy diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň wise-başlyklygyna, şeýle hem bu guramanyň ugurdaş düzümlerine, hususan-da, geňeşleriniň, komitetleriniň we komissiýalarynyň düzümine köp gezek saýlanandygy bellenildi.

Birleşen Milletler Guramasy bilen arkalaşykly işläp, ýurdumyz sebit we ählumumy ösüşiň esasy meselelerine jogapkärçilikli çemeleşýändigini, çözgütleri bilelikde gözleýändigini hem-de işläp taýýarlaýandygyny görkezýär. Ýurdumyzyň öňe süren we Baş Assambleýa tarapyndan kabul edilen «2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» hem-de «Merkezi Aziýa — parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamalar, şeýle-de 2025-nji ýylyň «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi biziň diplomatiýamyzyň üstünligidir diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Türkmenistan beýleki iri halkara we sebit guramalary hem-de düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Geçen ýyl Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde hyzmatdaşlyk etmäge uly ähmiýet berildi. Biziň ýurtlarymyzda hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça sebit gatnaşyklaryny pugtalandyrmak, sazlaşykly ösüş, halkara giňişlikde sebitiň ornuny berkitmegiň bähbidine tagallalary birleşdirmek ýokary derejede geçirilen duşuşyklaryň maksady boldy. Dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen dürli görnüşdäki hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeltmek bilen, Türkmenistan daşary syýasat strategiýasynda köptaraplaýyn diplomatiýany iş ýüzünde amala aşyrmaga uly ähmiýet berýär.

Hormatly Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2022-nji ýylda ýurdumyzyň parlament diplomatiýasy aýratyn işjeňlige eýe boldy. Bu bolsa häkimiýet edaralarynyň milli bähbitleri goramak, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we hukuk tertibi boýunça alyp barýan işleriniň düzüm bölegidir. Ýurdumyzyň ykdysady bähbitlerini öňe sürmek hem-de dünýä giňişliginde döwletimiz üçin amatly ýagdaýy döretmekdir. Biz milli bähbitlerimizi goramak üçin ähli tagallalary edip, bütin dünýäde netijeli hyzmatdaşlyk syýasatyny geljekde-de dowam etdireris.

Biziň gazanan ähli üstünliklerimiz we ýeten sepgitlerimiz diňe alyp barýan syýasatymyzy halkymyzyň giňden goldamagy, durmuşymyzy gowulandyrmak boýunça geçirýän özgertmelerimize işjeň gatnaşmagy netijesinde mümkin boldy diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Garaşsyz döwletimiziň gazanan uly üstünliklerine öz zähmeti bilen ýardam edenleriň ählisine, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň ýolbaşçylaryna hem-de ýönekeý zähmetkeşlere tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Biz her ýyly belli bir şygar boýunça geçirýäris. Şu ýyly «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýip kesgitledik. Bu sözler uly many-mazmuny özünde jemleýär. Bu şygar watançylyk ruhumyzy ýokarlandyrmaga, ýaşlarymyzy terbiýelemäge we goldamaga, ata Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen taslamalardyr maksatnamalary amala aşyrmaga hemaýat etmelidir, ykdysady kuwwatymyzy berkitmäge, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga ýardam bermelidir diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, munuň özi biziň ählimize aýratyn jogapkärçilik hem ýükleýär. Şoňa görä-de, bu şygary iş ýüzünde amala aşyrmak üçin örän köp we tutanýerli zähmet çekmelidiris. Şunuň bilen baglylykda, ýaşlara mümkinçilikleriniň açylmagyna we şahsyýet hökmünde kemala gelmegine kömek bermek üçin ähli şertleriň döredilmeginiň, ýaş raýatlara ýaşaýyş jaýlary we bilimleri ele almagyň elýeterli bolmagynyň, olary iş bilen üpjün edip, telekeçiligi ösdürmegiň, ýaş maşgalalara hemmetaraplaýyn goldaw bermegiň zerurdygy aýdyldy. Şeýle-de ýaşlaryň işine maýa goýumlary gönükdirmegiň zerur bolup durýandygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň jemini jemläp, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny we alyp barýan jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

# НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОСЕТИЛ ПОСОЛЬСТВО ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ



8 февраля 2023 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов по поручению Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова посетил Посольство Турецкой Республики в Ашхабаде и выразил соболезнования представителям братской страны.

Прибыв в Посольство Турецкой Республики, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана побеседовал с Чрезвычайным и Полномочным Послом Турецкой Республики в Туркменистане, Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел и муфтием страны.

Аркадаг с прискорбием отметил, что стихийное бедствие, произошедшее в Турции, повлекло за собой многочисленные жертвы и увечья, а также масштабные разрушения. Герой-Аркадаг также сделал запись в Книге соболезнований, в которой изложил слова глубокого сочувствия и поддержки братскому турецкому народу, пострадавшему от стихийного бедствия, а также вечности туркмено-турецких отношений дружбы и братства.

От имени туркменского народа Герой-Аркадаг выразил соболезнования главе Турецкого государства Реджепу Тайипу Эрдогану, всему турецкому народу, а также отметил, что среди тех, кто столкнулся с этим бедствием, есть и наши граждане.

Герой-Аркадаг от имени народа и Президента страны, а также от себя лично выразил соболезнования родным и близким погибших и обратился к Всевышнему с молитвой, чтобы их души упокоились в раю.

Национальный Лидер туркменского народа отметил, что в ближайшее время в мемориальном комплексе «Halk hakydasy» будет дан садака в память о погибших.

Затем муфтий Туркменистана прочёл молитвы в память об усопших.

Чрезвычайный и Полномочный Посол Турецкой Республики в Туркменистане Тоган Орал от имени турецкого народа и Правительства, а также от себя лично выразил сердечную признательность Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедову за то, что он нашёл время приехать в Посольство и в этот тяжёлый момент адресовал слова поддержки турецкому народу, сказав, что передаст слова соболезнования Президенту Турецкой Республики. Прибытие Героя-Аркадага в Посольство и выражение соболезнования – большая честь для турецкого народа, сказал посол.

Отметив, что поддержка, оказанная в эти дни при восстановлении разрушений, вызванных стихийным бедствием, является ярким выражением приверженности Туркменистана делу мира и гуманизма, Герой-Аркадаг пожелал духовной стойкости турецкому народу и отбыл с места события.

# THE TURKMEN DELEGATION TOOK PART IN THE WORLD GOVERNMENT SUMMIT - 2023

In the city of Dubai, United Arab Emirates, a large-scale meeting - the World Government Summit - 2023, was held under the slogan «The Image of the Future Government». Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov took part in it at the head of the Turkmen delegation.

In his speech at the summit, the Vice-Premier stressed the need to unite the efforts of states and international organizations in the implementation of the tasks of sustainable development on a global scale, to focus on this direction. The speech also noted that in the context of the implementation of the Sustainable Development Goals, in particular, the implementation of tasks related to climate, much attention is paid to the implementation of national programs and international obligations of Turkmenistan.

Also in Dubai, a meeting was held between the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R. Meredov and the Minister for Cabinet Affairs of the UAE Mohammed Abdullah Al-Gergawi.

The parties stressed that bilateral and multilateral relations between Turkmenistan and the UAE are systematically developing, which is facilitated by the high-level Turkmen-Emirati talks. Particular attention was paid to the fact that the recently completed official visit of the Hero-Arkadag to the United Arab Emirates opened another important page in the history of interstate relations. As a result of the meeting, a «Memorandum of Understanding between the Government of the United Arab Emirates and the Government of Turkmenistan on the exchange of experience in the field of development and modernization of the state» was signed.

During the talks with the Deputy Minister of Foreign Affairs of Vietnam, issues related to the intensification of cooperation in various sectors of the economy and the development of cultural ties were discussed.

Also in Dubai, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R. Meredov held talks with the Director General of the World Trade Organization Ngozi Okonjo-Iweala. During the meeting, the Deputy Prime Minister noted that Turkmenistan is interested in developing cooperation with this large, authoritative international organization, and expressed confidence that this would greatly contribute to the further stable economic development of the country. The Director General of the World Trade Organization emphasized that the organization she leads highly appreciates the economic strategy of Turkmenistan and measures for its implementation.

At the end of the meeting, the parties expressed confidence that progress would be made in the work carried out in accordance with the plans for interaction between Turkmenistan and the World Trade Organization.

# ДЕЛЕГАЦИЯ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛА УЧАСТИЕ В ПЕРВОМ МЕЖПАРЛАМЕНТСКОМ ФОРУМЕ ГОСУДАРСТВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

9-10 февраля 2023 года в городе Туркестан Республики Казахстан состоялся первый Межпарламентский форум государств Центральной Азии. В работе форума приняла участие туркменская делегация во главе с Заместителем Председателя Меджлиса Туркменистана Гурбанмуратом Ашировым.

Работу форума открыл Председатель Сената Парламента Республики Казахстан Маулен Ашимбаев, затем выступили другие руководители парламентов государств Центральной Азии. В ходе мероприятий депутаты обсудили вопросы укрепления всестороннего стратегического сотрудничества стран Центральной Азии и роли Парламентов в этом процессе, а также расширения культурно-гуманитарного сотрудничества на основе общего историко-культурного наследия.

По итогам форума была принята Туркестанская Декларация. В документе нашли своё отражение перспективы дальнейшего развития межпарламентских взаимоотношений, направленных на расширение экономического взаимодействия и формирование единого культурно-исторического пространства Центральной Азии.



Интернет газета
Международные новости

## В МИД ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С ПОСТОЯННЫМ КООРДИНАТОРОМ ООН В ТУРКМЕНИСТАНЕ



9 февраля 2023 года заместитель министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимова встретилась с Постоянным Координатором ООН в Туркменистане Дмитрием Шлапаченко.

В ходе конструктивной беседы стороны подчеркнули эффективность взаимодействия Туркменистана с ООН и её специализированными агентствами, рассмотрели текущие и перспективные проекты и говорили о ключевых направлениях сотрудничества. Было подчеркнуто, что сотрудничество Туркменистана с ООН является стратегическим направлением внешнеполитического курса страны.

В ходе встречи также обсуждались вопросы, связанные с осуществлением Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития между Правительством Туркменистана и Организацией Объединенных Наций на 2021-2025 годы.

## ON THE MEETING AT THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN WITH THE US AMBASSADOR M. KLIMOV



On February 9, 2023, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova had a meeting with Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the United States of America Matthew Klimov.

During the meeting, the state and prospects for the development of Turkmen-American relations in the political, cultural-humanitarian and other spheres were discussed.

Also, attention was paid to the vigorous activity of Turkmenistan on international platforms, the consistent work of the Government of Turkmenistan to promote a culture of peace in the global context was noted. In this regard, the importance and timeliness of the UN General Assembly resolution on declaring the «International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace, 2023», adopted at the initiative of Turkmenistan, was emphasized.

The readiness of the parties to continue further cooperation in the field of education, cultural exchange, international cooperation in the field of research, protection and restoration of historical and cultural monuments was confirmed.

The proposals of the US Embassy on cooperation in information activities, in the field of media, and digital diplomacy were considered.

## TÜRKMEN DIPLOMATIÝASY ROWAÇ MENZILLERDE



Parahatçylyk, özara ynanyşmak we hoşniýetlilik ýurdumyzyň dünýä ýüzünde alyp barýan daşary syýasatynyň özenini düzýär. 2021-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda "Parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty – halkara howpsuzlygynyň, durnuklylygyň we ösüşiň binýady" ady bilen halkara maslahat geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň maslahatda eden taryhy çykyşynda "Dialog – parahatçylygyň kepili" atly filosofiýany öňe sürmegi halkara arenasynda ýurdumyzyň parahatçylygy dabaralandyrýan merkeze öwrülendigini aýdyň subutnamasydyr. Hakykatdan hem, bu günki günde halkara giňişliginde dörän Türkmenistan atly parlak ýyldyz dialog arkaly parahatçylygy gazanyp bolýandygyny dünýä ýüzüne subut edýär.

Ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri ählumumy we sebit derejesindäki meseleleriň parahatçylykly, syýasy-diplomatik serişdeler arkaly çözmäge esaslanýar. Munuň özi bolsa, halklaryň arasyndaky netijeli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň has-da berkidilmegine, medeniýetleriň ýakynlaşmagyna gönükdirilendir. Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň özara bähbitli, parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri "Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda" öz mynasyp beýanyny tapýar. Konsepsiýada ýurdumyzyň ýakyn ýedi ýylda daşary syýasy ugruny amala aşyrmagyň täze wezipeleri beýan edilip, olar daşary syýasatyň bäş sany strategik ugruna esaslanýar. Bu ugurlar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda berkidildi.

Ýurdumyzyň daşary syýasatynda ähli ugurlarda giň gerimli hyzmatdaşlyklaryň amala aşyrylmagynda diplomatik gullugyň üstüne uly jogäpkärçilikli wezipe düşýär. Häzirki wagtda diplomatik gullugyň işini barha kämilleşdirmek ugrunda birnäçe ýokary derejeli işler amala aşyrylýar. Bilşimiz ýaly, 2009-njy ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň Prezidenti her ýylyň 18-nji fewralyny Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni hökmünde belläp geçmek barada ýörite Permana gol çekdi. Her ýyl bu baýram mynasybetli halkara maslahatlar, forumlar geçirilýär, ýokary derejede sergiler guralýar.

Türkmenistanyň daşary syýasaty ugry kadalaşdyryjy-hukuk esasa daýanýar. Ýagny, "Diplomatik gulluk hakyndaky", "Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi hakyndaky", "Döwlet protokoly hakyndaky", "Diplomatik derejeler hakyndaky", "Daşary ýurt döwletleriň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary hakyndaky", "Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edaralary hakyndaky" we başga kanunlary hereket edýär. Bu günki günde ýurdumyzyň dünýä döwletleri, şol sanda halkara guramalary bilen alyp barýan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary täze hil derejesine çykýar. Ýeri gelende bellesek, ýurdumyz dünýäniň 150-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary, 100-den gowrak ýurt bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýandygy hem munuň aýdyň nyşanydyr.

Ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň ýokary hünär derejeli bolmagynda we zehinli ýaş diplomatlary taýýarlamakda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň orny aýratyn. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky Karary esasynda institutda Strategik barlaglar boýunça ylmy merkez hem-de Ýaş diplomatlaryň mekdebi açyldy.

Häzirki wagtda diplomatik gullugyň işine aýratyn ünsüň berilmegi bu ulgamyň işgärlerini belent sepgitlere ruhlandyrýar. Garaşsyz hem baky Bitarap ýurdumyzyň daşary syýasatynda we diplomatiýasynda dünýä nusgalyk beýik işleri amala aşyrýan Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli adyl başlangyçlary elmydama rowaçlyklara beslensin!

***Begmyrat ATAÝEW,***
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.**

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Президент Туркменистана отметил актуальность раскрытия потенциала молодежи***

Президент Сердар Бердымухамедов, выступая на расширенном заседании Кабинета Министров по итогам 2022 года, особое внимание уделил вопросам реализации молодежной политики Туркменистана.

Президент Сердар Бердымухамедов особо подчеркнул, что молодежь – основная стратегическая сила процессов реформирования. По словам главы государства, с течением времени ответственность за судьбу государства будет возложена на плечи нынешней молодёжи, поэтому в достижении намеченных целей от неё требуется проявить настоящий патриотизм, самоотверженность в труде и получить качественное образование.

«Именно она должна сыграть решающую роль в развитии Туркменистана и стать движущей силой прогресса!», – отметил глава государства.

***В Туркменистане проведён тренинг по информированию о рисках и вовлечения общественности***

Представительство Детского фонда ООН (ЮНИСЕФ) в Туркменистане совместно с Министерством здравоохранения и медицинской промышленности страны и Дрексельским университетом Филадельфии (США) организовало обучающий курс для туркменских специалистов по основам информирования о рисках и вовлечения сообщества (RCCE).

***В Ашхабаде состоится концерт итальянского композитора и гитариста Антонио Онорато***

В честь 30-летия дипломатических отношений Туркменистана и Италии посольство Италии в Ашхабаде при поддержке Министерства культуры Туркменистана организует сольное выступление известного итальянского композитора и гитариста Антонио Онорато.

Название концерта «Неаполь на Шелковом пути» (Naples on the Silk Road) указывает на исторические связи двух стран, которых когда-то соединял легендарный торговый путь.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***